| | |
|---|---|
| **TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET WE ILATY DURMUŞ TAÝDAN GORAMAK MINISTRLIGI** | **MINISTRY OF LABOUR AND SOCIAL PROTECTION OF POPULATION OF TURKMENISTAN** |
| **BUÝRUK** | **ORDER** |

**« 08 » maý 2020 ý.** **№ 52-Ö**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2013-nji ýylyň 13-nji fewralynda çykaran 13-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlarynyň we pensiýa maýasynyň şahsylaşdyrylan hasabyny ýöretmegiň tertibine üýtgetme girizmek hakynda**

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksine we “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlarynyň we pensiýa maýasynyň şahsylaşdyrylan hasabyny ýöretmegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2013-nji ýylyň 18-nji fewralynda 681 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlarynyň we pensiýa maýasynyň şahsylaşdyrylan hasabyny ýöretmegiň tertibini tassyklamak barada” Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2013-nji ýylyň 13-nji fewralynda çykaran 13-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlarynyň we pensiýa maýasynyň şahsylaşdyrylan hasabyny ýöretmegiň Tertibiniň ellinji böleginiň üçünji tesimini şu görnüşde beýan etmeli:

«her aýda, ätiýaçlandyrýanlaryň zähmet hakynyň tölegini we pensiýa gatançlaryny geçirmek baradaky töleg tabşyryklaryny, olaryň birwagtda pensiýa gatançlaryny geçirendigi we ätiýaçlandyrylan şahslar barada şahsy maglumatlary ätiýaçlandyryjynyň alandygy barada belligi bar bolan ýagdaýynda (sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly elektron töleg ulgamynda nagt däl görnüşinde geçirilýän tölegler muňa degişli däldir) geçirmäge;».

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň dolandyryjysy D.Amanmuhammedow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**